# Kerpiç / nowella

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 22 января, 2025

Kerpiç / nowella Arada bir gün, şu saýtyň agzalarynyň biri “ýolda ýatan kerpiç” barada-da gep owadanlap bir zatlar ýazyp boljakdygyny, ýöne beýle ýazylan zadyň nämä derkardygyna düşünmeýändigi hakyndaky ýaly manyda bir zatlary teswirleriniň birinde ýazypdy. Bilemok näme üçindigini, ýöne şol “ýolda ýatan kerpiç” hakynda jümle aňymda galypdyr. Bu günem şol kerpiç hakda ýazylan ýaly boldy. “Näme üçin ýazyldy? Näme manysy bar?” diýen ýaly sowallaryň berilmegi mümkin…“Bilýän bolsam, söwdagär bolardym” diýip jogap beräýmeseň…

Kerpiç
(nowella)

…Tozan basyp, ýoluň gyrasynda ýatyr…
…Usulsyz sürüjiniň bisereşgen hereketi zerarly, mas ýüklenip barýan ýük ulagy çarkandakda loňkuldanda, ondan zyňlyp gaçyp galanyna ýyllar ötse-de, onuň şol bir bolşy…
…Düşelen asfalty atam döwründe oýmur-oýmur bolup galan, abadyndan bibady agdyk bu ýoluň bolsa özüne ýetijek gatnawy-da bar, gyzygy-da…
…Mümkin, üç-dört köçeli kiçeňräk obanyň gapdalyndan geçişine iki sany uly ýoly biri-birine sepleşdirýändigi üçin şeýledir…
…“Hyrryň-hyrryň” edip, daş sypaty dabarasy dag aşýan uly toýlar-a beýlede dursun, hatda aýdylan janly-beýleki ýaly çaklaňrak üýşmek-süýşmege-de utanman-uýalman münüp barardan şalharak, köneje ýeňil ulaglar mysapyr assyrynlyk bilen ötýär, bu ýoldan…
…“Tarryň-tarryň” edip, bir dartanda tutuş wagonyň ýüküni gerşine alyp gidýän, täp-täzeje, mähnet ýük ulaglary haýbat bilen ötýär, bu ýoldan…
…“Parryň-parryň” edip, yzlaryndaky tirkeglerine dag ýaly edilip bede ýa-da saman münderlenen kuwwatly traktorlar agyr zähmete werziş biparh sadyklyk bilen ötýär, bu ýoldan…

…“Hürrüň-hürrüň” edip, motosikletleriniň hereketlendirijilerine bat bermekden ýaňa uçaýjak bolup, misli jahanyň ählije zadyny kowalap ýetip, tutup-alyp galaýjak bolýana çalym edýän jahyllar köýneklerini pasyrdadyp ötýär, bu ýoldan…
…Gürrüň-söhbet edip, pyýadalaram ýol kesýär bu ýolda…
…Mis asyryňam birinji çärýeginden galan bolmagy gaty ähtimal eşegarabasyny idekläp, bir elinde oragy, beýlekisinde hargulak harynyň ýüpi, egni köne donly garrylar ötýär, bu ýoldan…
…Aşyklar ötýär bu ýoldan, iň bärkisi ýeriň ýarygyna-da jakgyldaşyp…
…Gölegçiler ötýär bu ýoldan, hamana, eginlerinde göterip barýan ýüklerini çaltrak gara ýere duwlap, bu ýalançynyň iň hakyky hakykatyny öz-özlerinden bahymrak gizläge-de, ýene-de gyltymlardyr-albaýlaryň ugruna kowalaşyp başlamaga howlugýan ýaly haýdaşyp…
…Aýrylyşýanlaram ötýär, birek-birekdenem, özlerini pyrak eden bu ýoldanam, özlerine gerşinde orun tapylmadyk zemindenem nägile…
…Barlyşýanlaram ötýär, birek-birege-de, özlerini duşuran bu ýola-da, özlerine göwsünde mekan beren zemine-de minnetdar…
…Olaryň astyndan göterilýän çaň-kirşene ýagyrnysynda orun beren kerpiç bolsa, ses-selemsiz şo-o-o-l ýatyr, gyrada…Ýoldan ötýän janly-jansyz her kesi synlaýar, diňleýär, bolanja tejribesine, aňyna-paýhasyna zor salyp, gören-eşideninden many ogurlamaga çyr-çytyr çytraşýar.
Özem garaşýar…
…Ine bir gün, ýoldan ötüp barýan ynslaryň haýsam bolsa biriniň sakga durakga, özüni siňe-siňe synlakgetdin: “Bäh, bü kerpiji-aý! Tüýs meniň derdime ýaraýjak, süňňi sagat, kamaty pugtaja zat ekeni, bi! Şu ýoldan şunça gatnasam-da muňa häli-häzire çenli üns bermeýşimi diýsene!” diýäge-de, özüni ýerden göterip, tot-tozanyny kakyp, ýany bilen alyp giderine…
…Eltibem çagalaryna pena boljak mähriban öýüniň binasynda, onuň özi kibi ynsana hyzmat etmek, oňa pena bolmak üçin ýaradylan kerpiç-doganlarynyň arasynda gaýym suwag bilen hemişelik, iň bolmanda onuň kerpiç-ömri ahyr bolýança

ornaşdyraryna…
…Ýa-da yns balasynyň başgalasy-öýüne diwar bolmak bagty miýesser etmese-de, onuň perzentlerine çörek berjek tamdyrynyň ýa ojagynyň binýadynda goýaryna…
…Ýa-da iň bolmanda onuň mülküniň hyzmatynda bolary ýaly, malýatagyny ýa kümesini ýa-da towuk ketegini gurmak üçin özüni ulanaryna…
…Ýa-da halys bolmasa, haýsydyr bir ulanmaýan zadyny çyg çekip çüýremez ýaly, özüni şonuň astyna söýe edip goýsa-da bolýar…
…Esasy zat, owalybeletde Ýaradanyň emri bilen, özine asyldaş zanny toprakdan adamzada gulluk etmek üçin ýaradylan halyna, şu ýatan ýerinde hiç kimsäge gerekmez, derde ýaramaz halda, ýagyş-ýagmyrlardyr, yssa-sowuga öz-özünden pytrap, bihuda ýitip gitmese bolýar…
…Şondan Hudaý saklasyn!…
…Sakgyz başynda şuňa meňzeş müň gaýgydyr müň hyýaly günde müň gezek aýlaýan kerpiç, günler aýlara sepleşip ýyllar ötüp barsa-da umydyny üzmeýärdi…
…Her deňesinden geçýän ötegçidenem umydygär, diňe gözler-ä däl, toýundan eýlenip gyzgyn ataşa bişirilen laý kalby hem, özüni derkaryna ýaradyp bimanylygyň hem bimaksatlygyň bipeýanlykdan halas etjek şol ýekeje ynsanyň ýolunda intizar…
…Dogrusy…
Dogduk mekany – Büzmeýiniň günortasyndaky toýun käninde, öz doganjyklarydyr ata-enesi bilen, adaty bir şykgy toýun maşgalasy bolup ýaşaýarka, ol – heniz bu ýalançynyň hiç zadyny görmedik gögele – pälini juda uludan tutýardy.
“Pespällikden zyýan çeken ýokdur. Uly pälden Hudaý saklasyn!” diýip kakasy – birmahallar ýagan ýagmyrlara ýelmeşip-gatap daşa dönüp giden ep-esli tokga toýun bajagy olara öwüt-nesihat bermäge, heniz jahyl balalarynyň jylawundan dartmaga çalyşýardy. Emma, ol barybir özüniň badyhowa ham-hyýallaryndan saplanyp bilmeýärdi. Şol hyýallarynda-da ol özi bilen asyldaş adam ogullarynyň nazaryna ileninden soň adaty bir çig toýun kesejiginden täp-täzeje, ýalpyldap duran ýüzünde ýüzüňi görübermeli, owadan kerpije öwrülýärdi. Şol kerpijem dünýä hemle urýan älemberdar şalaryň köşki-eýwanlarynyň iň

zynatlysynyň hasamly diwaryny ýa-da sütünini bina kylmak üçin ulanylýardy. Ýa-da ondanam gowusy, ony ussat külal aýasyna alýardy-da, özüniň ezber elleri bilen ony beýleki doganjyklaryna gatyp-garyp, eläp-süläp, ezip-myncgalap, ýeriň ýüzünde görlüp-eşidilmedik ajaýyp küýzäni ýasaýardy. Körük babanyň howurly deminde mazaly bişirilenden soň bolsa, ol petini müňýyllyklar solduryp bilmejek, agramyna agram tylla tölenýän nepis sungat eserine öwrülýärdi…
…Dogrusy…
…Adam ogullarynyň elinden çykan, äpet demir allajy, özleriniň ýaşaýan känlerine süsňäp girip, özüniň demir dişleri syh-syh bolup haçjaryp duran mähnet demir susagy bilen, olaryň tutuş maşgalasyny susup alaga-da, ol allajydanam äpet ýük ulagynyň gerşine guýanda, ol özüniň yhlasynyň wysal bolmagyna tarap ymykly ýola düşdüm diýip hasap edipdi. Birbada şeýle-de boldy. Ýöne, ynsan dili bilen aýdanýňda tä çig maldan önüme öwrülýänçä oňa adam eli galtaşmanjyk geçäýdi. Diňe onuň ýasan enjamlarydyr-abzallary bilen salyşmaly boldular.
Olary “Kerpiç kärhanasy” diýip atlandyrylýan alysdaky bir ýere getirdiler-de, holtumyna düşen zady, ha sen daş bol, ha toýun ýa-da adaty toprak, göwnübir biperwaýlyk bilen üwäp-pytradyp duran demir çarhlardan dos-doly gorpa guýdular. Demir degirmenden un edilip çykanlaryndan soňam, başga bir gorkunç enjamlarda, olary bu dünýäniň ähli zadynyň gözbaşy bolan Suw aganyň ymmaty bilen gatyp-garyp, bulap-bujap mazaly eýlediler-de, başga bir enjama garşy geçirip goýberdiler. Ol enjamam olary tekizläp, ýaýyp-ýylmap, hemmejesi birmeňzeş, endiganja, gyradeňje çig kerpiçlere öwrüp, demir ýoldan ýöreýän demir tekjelere gatlak-gatlak ördi-de, ählisini içi durşy bilen gyzyl-ot, soňy görünmeýän uzyn däliz ýaly howurly körüge garşy iterdi. Demir ýoldan dähedem-dessemläp ýüzüp giden demir tekjeler däliz-körügiň aňrybaşyna çykanda-da, ol eýýäm çig toýun bolmagyny bes etdi-de ýaldyrap duranja, saň-gaty gyzyl kerpije öwrüldi. Heniz ataş hammamynyň gyzgyny tenlerinden çalak-çulak gidip ýetişmänkä-de, olary ýekän-ýekän alyp, desbi-dähil taýýar duran ýük ulagyna örüp başladylar. Diňe şonda oňa adamyň ellikli eli degdi. Ýolda barýarkalaram…

…Ondan soňy bolsa bolmady…Ulagdan zyňlyp gaçan ýerinde onuň adamzada hyzmat etmek maksadyny myrat etmeklige ýüzlenen taryhy tamamlandy…
Onuň ýerine-de şu ýoluň gyrasyndaky garaşmakdan hem umytdan, oýlanmalardan hem jogapsyz sowallardan doly tükeniksiz günler başlandy:
…Ahyry bir gün gelermi ony derkaryna ýaradan?! Ýa-da gelmezmi?!
…Eger-de yhlasyny wysal etjek halasgär gelmejek bolsa, onda ony ýaratmagyň nä derkary bardy?! Ýa-da ýaradylandan soňam bir tokgajyk kesegiň kalbynda yns ogullaryna hyzmat etmeklige, olaryň derkaryna ýaramaklyga bolan şeýle uç-gyraksyz höwesi oýarmak neçün gerekdi?!
…Bu dünýäniň sowaly köp-de jogaby az…
…Ol soraglara jogap tapmalam ýoluň gyrasynda kirşen basyp ýatan kerpiçmi ýa-da şol kerpijiň halasgäri – YNSAN?!
…Gussaly…
…Şondan bärem ol, ýyllar ötse-de…
…Tozan basyp, ýoluň gyrasynda ýatyr… Hekaýalar